# A.Allanazarowyň «Ojak» romany barada

Category: Edebi tankyt,Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
A.Allanazarowyň "Ojak" romany barada AGAGELDI ALLANAZAROWYŇ «OJAK» ROMANY BARADA PIKIRLER




Elektron kitaplar kitap söýüjileriň iň ýakyn hemrasyna öwrüldi

diýsem, hakykatdan daş düşdigim bolmasa gerek. Öýde ýa-da işde boşyrak wagtyň bolsa, awtobusda ýa otlyda ýolagçy bolsaňam «kitaphananyñ» hemişe ýanyňdalygy örän gowy mümkinçilik. Mundan başga-da ýene bir gowy tarapy bu «kitaphanadan» başga birine okamaga kitap berseň hem onuň ýeri oýulyp galmaýar. Kitap bereniňem kitaply, özüňde şol kitap dur. Garaz gowy taraplary kän. Ýöne adamçylyk, arasynda şol elektron kitaplary sorasaň hem «Häzir ugratjak», «Ertir ugratjak», «Wiý, ugratmadymmy entegem? Men ugratdymmykam diýip otyrdym» we ş.m. bahanalar tapýanlar hem ýok däl.
Ýeri bolýa. Esasy temadan biraz daşlaşdyk öýdýän. Elektron kitaplar hakda gürrüň açmagyma sebäp ýakynda ikinji gezek (birinji gezek dört bäş ýyl mundan öň okapdym) elektron görnüşinde okan, ýazyjy A.Allanazarowyň «Ojak» epopeýasy boldy.
Meniň bu eseri başdan aýak gürriň bermek ýa-da edebi tankytçylar ýaly analizlemek niýetim ýok. Ýönekeý okyjy hököminde, öz okap halan eserimi okamagy size-de maslahat bermekçi.
Bäş kitapdan ybarat roman ilkibada dogurdanam gaty uly görünýär. Esasanam gysgadan gysga eserleriň döredilýän we okalýan şu döwürde. Ýöne romany okanyňda bolsa munuň beýle däldigini görmek bolýar. Meniň pikirimçe eseriň artykmaç ýeri ýok.
Kitapda esasan, «bolşewikleriň» hökümet başyna gelmegi bilen başlanan tutha-tutlyklar, «sen halk duşmany», «sen basmaçy»,»sen baý-kulak» diýen ýaly dürli bahanalar bilen adamlaryň tussag edilip, atylyp ýa-da ýat ýurtlara sürgün edilýän döwri suratlandyrylýar. Eseriň gahrymanlarynyň, Kymyş duzçy we onuň ogullarynyň ýazyjynyň ýakyn garyndaşlarydygyny göz öňünde tutsak beýan edilýän wakalar hakykatdan gatybir daş däldir diýip pikir etmek mümkin. Sebäbi şol döwür barada, görenlerden ýa-da görenlerden eşidenlerden eşitmek nesip edipdi. «Ýorganyňa görä aýak uzat» -diýleni,eliňde başga delil (ýa-da şol delile ýetmäge mümkinçilik) bolmasa, bulam bir hasap. Şonuň üçin hem şol döwüri göz öňüne getirmek isläýänler üçin bu roman tapylgysyz hazyna hasap edýärin. Sebäbi biziň şu wagtlaram «kolhoz» diýip atlandyrýan atlandyrmamyz edil şol wagtlar döräpdi. Onuň döreýşi, gurluşy we bu barada sada halkyň garaýşy örän gyzykly beýan edilen.
Eserde şu wagtlar bir görseňä «halkyň azat edijilik göreşiniň

gahrymany» diýip, ýene bir görseňem «Garagumyň galtamany, basmaçy» diýip atlandyraýasymyz gelip duran Jüneýit handyr onuň ogly Eşşi hanyň şeýlede Buhara emiriň hem obrazy hem bar. (Jüneýit han barada şeýle bir-birine garşylykly pikiriň bolmagy hem megerem biziň onuň alyp baran işlerini doly öwrenmändigimiziň netijesidir).
«Ojak» eserinde ýene-de bir maňa täsir eden ýeri hem «Ýeroýlan duz» gyrgynçylygy. Bu gyrgynçylyk barada bir-ä şu eserde, birem Juma Hudaýgulynyň «Ýere gaçan ýyldyzlar» eserinde okadym. Başga bir beýan eden bar bolsa hem okamak miýesser etmedi. Dogrusy «Ýeroýlan duz» diýlip atlandyrylan ýere öňdenem baryp göresim gelýär. Okan eserlerim esasynda göz öňüme getirişime görä ol ýeri bir tarapyny Tagtabazar bir tarapyny bolsa Owganystan tutyp ýatan giden duzlyk, aňyrsyna göz ýetmeýän şorlyk meýdan bolmaly. Indi şol meýdanda öýi-öwzary,maly-garasy, çaga-çugasy bilen gidip barýan on müňlerçe bosguny we olary serhetden geçirmejek bolýan ýerde ýaragy güýçlidigine seretmän asmandan hem yzyny üzmän okdyr bomba ýagdyrýan sowet goşunyny göz öňüne getirip görüň…Gaty aýylganç sahna…
Elbetde wakalar şeýle dartgynly bolsada eseriň içinde oýundyr gülkä, degişmedir heneklere hem uly orun berilendigini aýdyp geçesim gelýär.
Meniň pikirimçe eserde bir maşgalanyň, (Kymyş duzçynyň maşgalasynyň), bir obanyň (Söýünalynyň) töwereginde ýaýbaňlanýan wakalar esasynda tutuş halkyň başyna düşen işler suratlandyrlýar. Umuman özüňiz okap düşinäýmeseňiz, düşündirmek aňsat däl.
Egerde meniň kinofilm düşürmäge mümkinçiligim bolan bolsady. Öňi bilen şu «Ojak» eseriniň esasynda kino düşürerdim. Onuň ilhalar, halkyň göwnünden turjak film boljagyna bolsa ynanýaryn. Belki bir gün bu eser kinofilm hem bolar. Nesip bolsa şol filmi tomaşa edip otyrkak hem men ýanymdakylara : «Hä yzy eýle bolmaly, beýle bolmaly. Men muny bir wagt okapdym» diýip öwünerin  Edebiýat täzelikleri